***Tomus paslynda ýurdumyzyň mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsümi şadyýan we ruhubelent ýagdaýda geçirilýär. Okuw ýyly jemlenenden soň, çagalaryň ýaş aýratynlyklaryna görä toparlarda tomus möwsüminiň Gün tertibine we iş meýilnamasyna laýyklykda gyzyklanma we göwnaçma çäreleri guralýar. Bu döwürde çagalaryň sagdyn ösüşini gazanmak maksady bilen taplama çäreleri hem netijeli guralýar.***

Bu möwsümde çaganyň durmuşa taýýarlygyny, beden we ahlak taýýarlygyny, şeýle-de kommunikatiw (çagalaryň ýakynlary we beýleki çagalar bilen bilelikde oýnamak, meşgullanmak) endiklerini tomus sagaldyş möwsüminde körpeler bilen guralýan dürli gyzyklanma we göwnaçma çäreleriniň, aýdym-sazly çykyşlaryň, hereketli we many-mazmunly oýunlaryň, duýgulary ösdürmek üçin öwrediji oýunlaryň, bäsleşikleriň üsti bilen kämilleşdirmek maksady bilen, çagalaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, «Mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsüminde geçirilýän gyzyklanma çäreleriniň mysaly tertibi» esasynda işler maksadalaýyk geçirilýär.

Çagalar dürli gyzykly ugurlar boýunça wagtlaryny hoş geçirýärler we ýatdan çykmajak täsirli wakalara şaýat bolýarlar. Munuň özi çagalaryň milli we döwrebap ruhda kemala gelmeklerinde oňyn täsirlidir.

Ajaýyp zamanamyzda bagtyýar nesilleriň sagdyn ösmegi, mynasyp dynç almagy we öwrenenlerini özleşdirmekleri üçin ähli mümkinçilikleri we şertleri döredip berýän Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

**Durna GURBANOWA,**
**Murgap etrap bilim bölüminiň**
**mekdebe çenli çagalar edaralary boýunça hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026